# "THE 2025 DIVERSITY IMMIGRANT VISA PROGRAM" (DV-2025) Maksatnamasy boýunça Gollanma

## Umumy maglumat

Döwlet departamenti her ýyl dürli milletleriň wekilleri üçin kanun esasynda açylan "Diversity Immigrant Visa Program" maksatnamasyny durmuşa geçirýär. Imigrasiýa we raýatlyk kanunynyň (INA) 203-nji bölümi Amerikanyyň Birleşen Ştatlaryna taryhy immigrasiýa derejesi pes bolan ýurtlardan gelýän immigrantlar toparyny "dürli immigrantlar" diýip göz öňünde tutýar. 2025-nji maliýe ýyly üçin 55 000 sany "Diversity Visa" (DV) elýeter bolar. DV maksatnamasyna gatnaşmak tölegsizdir.

Maksatnama gatnaşmak üçin saýlanyp alnan dalaşgärler DV-ni almak üçin sada, ýöne şol bir bada berk kwalifikasion talaplaryna laýyk gelmelidirler. Döwlet departamenti ýeňijileriň bijesini randomizirlenen kompýuter programmasynyň kömegi bilen çekýär. Döwlet departamenti "Diversity Visa"-laryny alty geografiki sebit arasynda paýlaýar we hiç bir ýurt bir ýylyň dowamynda elýeter bolan DV-leriň ýedi göteriminden artykmaç alyp bilmeýär.

DV-2025 maksatnamasyna şu aşakda berlen ýurtlardan we sebitlerden gelip çykanlar gatnaşyp bilmeýär. Bu ýurtlardan soňky bäş ýylyň içinde 50 000 gowrak gelip çykanlar Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna immigrasiýat etdi:

Bangladeş, Braziliýa, Kanada, Hytaý (şol sanda Gonkong), Kolumbiýa, Dominikan Respublikasy, Salwador, Gaiti, Gonduras, Hindistan, Ýamaýka, Meksika, Nigeriýa, Pakistan, Filippinler, Koreýa Respublikasy (Günorta Koreýa), Beýik Britaniýa (Demirgazyk Irlandiýadan başga) we oňa bagly çäkler, Wenesuela we Wýetnam.

Makaudan we Taýwandan gelip çykanlar gatnaşyp biler.

## Laýyklyk

**1-nji talap:** Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna taryhy immigrasiýa derejesi pes bolan ýurtlardan gelip çykanlar gatnaşyp biler.

Egerde siz Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna taryhy immigrasiýa derejesi pes bolan ýurtlardan gelip çykmadyk bolsaňyz, onda siz iki ýol bilen gatnaşmaga hukuk gazanyp bilersiňiz.

- Siziň ýanýoldaşyňyz Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna taryhy immigrasiýa derejesi pes bolan ýurtlardan gelip çykanmy? Şunuň ýaly ýagdaýda, ikiňiz hem ýüz tutmada görkezilen bolmak, gelmäge laýyk

diýip kabul edilen we “Diversity Visa” berlen, şeýle hem ikiňiz hem Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna bir wagtda gelmek şerti bilen, siz ýanýoldaşyňyzyp doglan ýurduny görkezip bilersiňiz.

- Siz Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna taryhy immigrasiýa derejesi pes bolmadyk ýurtda dogulan, ýöne siziň ene-atańyz başga ýurtda dogulan bolup, siz doglan wagtyňyzda ol ýerde kanuny esasda ýaşamadyk. Şunuň ýaly ýagdaýda siz ene-atańyzyň haýsam bolsa biriniň doglan ýurduny, egerde bu ýurt DV-2025 maksatnamasyna gatnaşmaga hukugy bolan ýurt bolsa, görkezip bilersiňiz. Has jikme-jik maglumat almak we munuň näme aňladýandygyny bilmek üçin “Ýygy-ýygydan soralýan soraglar” bölümine serediň.

**2-nji talap:** Her bir ýüz tutýan DV maksatnamasynda bilime/iş tejribesine bildirilýän talaba gabat gelmeli we şu aşakdaky ýaly bolmaly:

- Resmi 12 ýyllyk başlangyç we orta bilimi üstünlikli tamamlan hökmünde kesgitlenilýän, azyndan orta bilimi ýa-da şonuň bilen deňeçer bilimi bolmaly;

ýa-da

- Soňky bäş ýylyň dowamynda, azyndan iki ýyllyk okuw ýa-da tejribe talap edýän wezipede iki ýyllyk iş tejribesi bolmaly. Döwlet departamenti işiň laýyklygyny kesgitlemek üçin ABŞ-nyň Zähmet ministrliginiň O*Net Online maglumat goruny ulanar.

Laýyk gelýän iş tekribesi barada has jikme-jik maglumat üçin “Ýygy-ýygydan soralýan soraglar” bölümine serediň.

Şu talaplaryň ikisine hem gabat gelmeýän bolsaňyz, DV maksatnamasyna ýüz tutup bilersiňiz.

## Ýüz tutma döwri

Ýüz tutujylar ýüz tutmalaryny elektron görnüşde dvprogram.state.gov salgysynda 2023-nji ýylyň 4-nji oktýabrynda, çarşenbe güni Günorta sagat guşagy (GMT-4) wagty bilen sagat 12:00-dan (günortan) 2023-nji ýylyň 7-nji noýabrynda, sişenbe güni Günorta standart wagty (GMT-5) bilen sagat 12:00-a (günortan) çenli aralykda tabşyrmalydyrlar. Hasaba almak döwrüniň soňky hepdesine garaşmaň, sebäbi köp sanly ýüz tutmalar netijesinde ulgam haýal işläp biler. Gijä galyp ýa-da kagyz ýüzünde tabşyrylan ýüz tutmalar hasaba alynjak däldir. Kanun her bir ýüz tutma döwründe her bir adamyň diňe bir sapar ýüz tutmagyna rugsat berýär. Bir admyň birnäçe ýüz tutmasyny ýüze çykarmak üçin Döwlet departamenti çylşyrymly tehnologiýalary ulanýar. **Bir**

**şahsyýet tarapyndan birnäçe ýüz tutmanyň tabşyrylmagy, onuň ähli ýüz tutmalarynyň ýatyrylmagyna sebäp bolar.**

**DV-2025 maksatnamasyna elektron ýüz tutmany tamamlamak**

“Diversity Visa” ýüz tutmasyny (E-DV ýüz tutmasy ýa-da DS-5501 görnüşi) dvprogram.state.gov salgysyndan onlaýn tabşyryň. Biz tamamlanmadyk ýüz tutmalary ýa-da başga usulda iberilen ýüz tutmalary kabul etmeýäris. Onlaýn ýüz tutmany tabşyrmak üçin töleg alynmaýar. Ýüz tutmany tabşyranyňyzda brauzeriň iň täze görnüşini ulanmagyňyzy maslahat berýäris. Internet Explorer 8 ýaly köne brauzerleriň DV ulgamynda işlemeginde mesele ýüze çykmaklygy mümkindir.

Biz “wiza maslahatçysynyň”, “wiza agentiniň” ýa-da kömegini teklip edýän başga bir adamyň kömegini ulanmazdan, ýüz tutmany özüňiziň tamamlamagyňyzy nygtap maslahat berýäris. Size biriniň kömek berýän ýagdaýynda, siziň ýüz tutmaňyz doldurlýan wagty soraglara dogry jogap bermek we gaýtalanmaýan tassyklaýjy belgini saklamak hem-de tassyklama sahypasyny çap edip almak üçin özüňiz şol adamyň ýanynda bolmalysyňyz. Tassyklama sahypasyny we gaýtalanmaýan tassyklaýjy belgini çap edip özüňize almagyňyz örän wajypdyr. Erbet niýetli wiza kömekçileriniň ýüz tutýanlara kömek edip, tassyklama sahypasyny we gaýtalanmaýan tassyklaýjy belgini çap edip özünde saklan hem-de ýüz tutujydan has köp pul talap etmek üçin ulanan wakalary bolup geçendir. Şu maglumatlar bolmazdan, siziň statusyňyz barada habar berýän onlaýn ulgama girip bilmersiňiz. Başga adamlaryň size şu maglumatlary saklap bermek tekliplerinden ägä boluň. Şeýle hem, siziň E-DV ýüz tutmasynda görkezen email hasabyňyz hem, size elýeterli bolmalydyr. DV maksatnamasynda ulanylýan kezzapçylyklar barada habardar bolmak üçin “Ýygy-ýygydan soralýan soraglar” bölümine serediň. Belkide siz, DV maksatnamasy bilen tanyşdyrýan wideomyzy hem-de ýüz tutmany doldurmak boýunça ädimme-ädim gollanmany görmek islärsiňiz.

Doly doldurulan ýüz tutmany tabşyranyňyzdan soňra, siziň adyňyzy we size degişli gaýtalanmaýan tassyklama belgisini görkezýän tassyklaýjy sahypa açylar. Siziň maglumatlaryňyza tassyklama hökmünde şu sahypany çap ediň. 2024-nji ýylyň 6-njy maýyndan başlap, siz öz ýüz tutmaňyzyň ýagdaýyny, dvprogram.state.gov sahypasynda “Ýüz tutujynyň statusyny barla” düwmesine basyp, özüňizize degişli gaýtalanmaýan belgini we şahsy maglumatlaryňyzy girizmek arkaly barlap bilersiňiz. Özüňiziň DV-2025 maksatnamasyna gatnaşyjy hökmünde saýlanyp alnandygyňyzy barlamak üçin ýüz tutujynyň statusyny barlamak funksiýasyndan peýdalanmalysyňyz hem-de özüňiz saýlanan ýagdaýyňyzda ýüz tutmaňyz boýunça näme ýerine ýetirmelidigini

bilmek üçin görkezmeler bilen tanyş bolmalysyňyz. ABŞ-nyň Hökümeti size gönümel habar bermez. Ýüz tutmaňyz boýunça näme etmelidigi babatynda görkezmeleriň ýeke-täk çeşmesi Ýüz tutujynyň statusyny barlamak funksiýasydyr. Eger-de siz saýlanan bolsaňyz we wiza almak üçin ýüzlenen we degişli resminamalary tabşyran bolsaňyz, immigrasion wizasy üçin söhbetdeşlik senesiniň bellenendigini barlamak üçin Ýüz tutujynyň statusyny barlamak funksiýasyny ulanmalysypyz. Saýlamak prossesi barada jikme-jik maglumat almak üçin “Ýygy-ýygydan soralýan soraglar” bölümine serediň.

Ýüz tutmaňyzy tamamlamak üçin şu aşakda görkezilen ähli maglumatlaryňyzy bermek hökmandyr. Soralýan maglumatlary bermezligiňiz, siziň DV maksatnamasyna laýyk däl ýagdaýyna düşürer.

1. Adyňyz – familiýaňyz, adyňyz we ikinji adyňyz – siziň pasportyňyzda görkezilen bilen deň gelmelidir (mysal üçin, pasportyňyzda diňe adyňyz we familiýaňyz görkezilen bolsa, ilki familiýaňyzy, soňra adyňyzy ýazyň, pasportyňyzda ikinji adyňyz ýok bolsa ony ýazmaň. Pasportyňyzda adyňyz, ikinji adyňyz we familiýaňyz görkezilen bolsa, olary şu tertipde ýazyň: familiýaňyz, adyňyz, ikinji adyňyz). Egerde diňe adyňyz bar bolsa, onda ony familiýa gutysynda ýazyň.
2. Jynsyňyz – erkek ýa-da aýal.
3. Doglan senäňiz – gün, aý, ýyl.
4. Doglan şäheriňiz.
5. Doglan ýurduňyz – doglan ýeriňiz üçin ýurduň häzirki wagtda ulanylýan adyny ýazyň.
6. DV maksatnamasyna laýyklyk ýurdy – adatça bu siziň doglan ýurduňyzdyr. Siziň ýaşaýan ýa-da raýaty bolan ýurduňyz doglan ýurduňyzdan tapawutly bolan ýagdaýynda olar laýyklyk ýurduna degişli däldir. Eger-de, siz laýyk däl ýurtda doglan bolsaňyz, başgaça nädip laýyk bolup biljekdigiňiz barada bilmek üçin “Ýygy-ýygydan soralýan soraglar” bölümine serediň.
7. Ýüz tutujylaryň suratlary – özüňiziň, ýanýoldaşyňyzyň we ýüz tutmaňyzda görkezilen çagalaryňyzyň soňky alty aýyň içinde düşürilen suratlary. Suratyň düzüm we tehniki talaplary bilen tanyşmak üçin “Sanly surat tabşyrma” (aşakda) gollanmasyna serediň. ABŞ-nyň raýaty ýa-da Kanuny hemişelik ýaşaýjysy bolan ýanýoldaşyňyzyň ýa-da çagaňyzyň suratyny goşmak hökman däldir, ýöne beren ýagdaýyňyzda munuň üçin size jeza berilmez.
   DV üçin ýüz tutma suratlaryna bilidirilýän standrtalar ABŞ-nyň wiza suratlaryna bildirilýän standartlar bilen deňdir. Siziň ýa-da maşgala agzalaryňyzyň suratlary bildirilýän talaplara gabat gelmedik ýa-da olary haýsam bolsa bir usul bilen üýtgeden ýagdaýyňyzda, siz DV maksatnamasyndan ret edilersiňiz. Öňki ýyllardaky ýüz

tutmalaryňyzda ulanylan suratlaryňyzy ulanan ýagdaýyňyzda, siz DV maksatnamasyndan ret edilersiňiz. Has köp maglumat üçin aşakda berlen “Sanly surat tabşyrma” gollanmasyna serediň.

8. Poçta salgysy – Adyndan,
    i. Salgy üçin birinji setir
    ii. Salgy üçin ikinji setir
    iii. Şäher/şäherçe
    iv. Sebit/Ýurt/Welaýat/Döwlet
    v. Poçta belgisi/Ýurduň zip belgisi
9. Häzirki günde ýaşaýan ýurduňyz
10. Telefon belgisi (hökmany däl)
11. Email salgysy – size gönüden-göni elýeter bolan we indiki ýylyň maýyna çenli elýeter boljak email salgysy. Maýda ýüz tutujynyň statusyny barlanyňyzda, özüňiziň saýlanandygyňyzy bilen ýagdaýyňyzda, soňrasyndan siz Döwlet departamentinden immigrant wiza söhbetdeşliginiň elýeterliligi barada aragatnaşyk email habaryny alarsyňyz. **Döwlet departamenti hiç haçan size DV maksatanamasyna saýlanandygyňyz barada email ibermez.** Saýlama prossesi barada has köp maglumat almak üçin “Ýygy-ýygydan soralýan soraglar” bölümine serediň.
12. Häzirki günde, özüňiziň tamamlan iň ýokary bilim derejäňiz: (1) Diňe başlangyç mekdep, (2) orta mekdep, ýöne şahadatnama ýok, (3) orta bilim şahadatnamasy, (4) orta hünär okuw mekdebi, (5) ýokary bilim okuwlary, (6) ýokary bilim diplomy, (7) hünär kämilleşdiriş okuwlary, (8) magistrlik diplomy, (9) ylymlaryň kandidaty derejesindäki okuwlar, ýa-da (10) ylymlaryň kandidaty derejesi. Bilime bildirilýän talaplar barada has köp maglumat almak üçin “Ýygy-ýygydan soralýan soraglar” bölümine serediň.
13. Häzirki maşgala ýagdaýyňyz: (1) öýlenmedik/durmuşa çykmadyk, (2) öýlenen/durmuşa çykan we ýanýoldaşym ABŞ-nyň raýaty ýa-da Kanuny hemişelik ýaşaýjysy däl, (3) öýlenen/durmuşa çykan we ýanýoldaşym ABŞ-nyň raýaty ýa-da Kanuny hemişelik ýaşaýjysy, (4) aýrylyşan, (5) dul, ýa-da (6) kanuna laýyklykda aýrylaşdyrylan. Ýanýoldaşyňyzyň adyny, doglan senesini, doglan şäherini we doglan ýurdyny ýazyň hem-de öz suratyňyz ýaly talaplara gabat gelýän suratyny goşuň.
    Öz ýanýoldaşyňyzy görkezmezligiňiz ýa-da ýanýoldaşyňyz bolmadyk birini görkezmegiňiz, esasy ýüz tutujy hökmünde siziň hem-de ýanýoldaşyňyzyň we çagalaryňyzyň size bagly ýüz tutujy hökmünde ýüz tutmaňyzyň ýatyrylmagyna sebäp bolar. Kanuny taýdan aýrylaşdyrylmadyk ýagdaýdan daşarda, ýanýoldaşyňyz bilen aýry ýaşaýan hem bolsaňyz ony görkezmek hökmandyr. Kanuna laýyklykda

aýrylaşdyrylmak, bu jübütüň nikasy bozulman, kazyýet çözgüdi esasynda aýry ýaşaýan ýagdaýydyr. Ýanýoldaşyňyz bilen kanuna laýyklykda aýrylaşdyrylan bolsaňyz, onuň siz bilen DV maksatnamasynyň çäklerinde immigrasiýa etmäge hukugy bolmaz. Kanuna laýyklykda aýrylaşdyrylan ýanýoldaşyňyzyň adyny görkezeniňiz üçin size jeza berilmez. Egerde siz kanuna laýyklykda aýrylaşdyrylmadyk bolsaňyz, hem-de "Diversity Visa" ýüz tutmazdan ozal, aýrylyşmagy meýilleşdirýän bolsaňyz ýa-da ýanýoldaşyňyz imigasiýa etmekligi meýilleşdirmeýän hem bolsa onuň adyny görkezmek hökmandyr.
Eger-de ýanýoldaşyňyz ABŞ-nyň raýaty ýa-da Kanuny hemişelik ýaşaýjysy bolsa ony ýüz tutmaňyzda görkezmek gerek däl. ABŞ-nyň raýaty ýa-da Kanuny hemişelik ýaşaýjysy bolan ýanýoldaşyňyza wiza almak gerek bolmaz. Şonuň üçin, siz "Öýlenen/durmuşa çykan we ýanýoldaşym ABŞ-nyň raýaty ýa-da Kanuny hemişelik ýaşaýjysy" diýip saýlan ýagdaýyňyzda, sizden ýanýoldaşyňyz barada goşmaça maglumat soralmaz. Maşgala agzalary barada has köp maglumat almak üçin "Ýygy-ýygydan soralýan soraglar" bölümine serediň.

14. Çaga sany – ýaşaýan, öýlenmedik/durmuşa çykmadyk, 21 ýaşdan kiçi çagalaryň siziň bilen ýaşaýandygyna ýa-da ýaşamaýandygyna, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna immigrasiýa eden ýagdaýyňyzda sizi ugratjakdygyna ýa-da size goşuljakdygyna garamazdan, olaryň ählisiniň adyny, doglan senesini, doglan şäherini we ýurduny görkeziň. Ähli çagalaryňyz üçin öz suratyňyza bildirilýän talaplara gabat gelýän suratlaryny goşuň.
Şu maglumatlaryň ählisini görkezendigiňize göz ýetiriň:
    i. Ähli ýaşaýan çagalaryňyz;
    ii. Ähli ýaşaýan çagalyga alan çagalaryňyz; we
    iii. Özýlenmedik/durmuşa çykmadyk we ýüz tutma pursatynda 21 ýaşdan kiçi bolan çagalar, şol bir bada-da bu çaganyň ene-atasy kanuny taýdan siziň ýanýoldaşyňyz däl hem bolsa, we hatda bu çaga häzirki wagtda siz bilen ýaşamaýan we/ýa-da siz bilen immigrasiýa etmekligi meýilleşdirmeýän hem bolsa.

Öýlenen/durmuşa çykan çagalar we ýüz tutmany iberýän pursatyňyzda 21 ýaşdan uly bolan çagalar DV maksatanamasyna gatnaşmaga hukugy ýokdur. Ýöne, Çaga statusyny goramak kanuny belli bir şertlerde "ýaş gabat gelmezliginden" goraýar. Eger-de siz ABŞ-na gelmek arzasyny öýlenmedik/durmuşa çykmadyk çagaňyzyň 21 ýaşy dolmazdan beren bolsaňyz, onuň 21 ýaşy bolsa wiza berilmezden öň dolýan bolsa, onda

oňa wiza işleri geçirilýän döwründe 21 ýaşy dolmadyk hökmünde garalyp bilner.

ABŞ-nyň raýaty ýa-da Kanuny hemişelik ýaşaýjysy bolan çagany siziň DV-ne ýüz tutmaňyzda  görkezilmegi hökman däldir. Ýüz tutmaňyza şolar ýaly çagany goşanyňyz ýa-da goşmanyňyz üçin size jeza beriljek däldir.

Ýüz tutmaňyzda degişli çagaňyzy görkezmezligiňiz ýa-da çagaňyz bolmadyk çagany görkezmegiňiz, siziň, şol sanda ýanýoldaşyňyzyň we çagalaryňyzyň DV maksatnamasyndan ret edilmegine sebäp bolar. Maşgala agzalaryny görkezmek barada has köp maglumat almak üçin "Ýygy-ýygydan soralýan soraglar" bölümine serediň.

DV-2024 maksatnamasyna Elektron ýüz tutmasyny nädip tamamlamalydygy barada has köp maglumat üçin "Ýygy-ýygydan soralýan soraglar" bölümine serediň.

**Ýüz tutmalary saýlamak**

Her sebitde we ýurtda elýeter wizalary paýlamaklyga esaslanyp, Döwlet departamenti kompýuteriň kömegi bilen kwalifikasiýadan geçen dalaşgärleriň arasyndan tötänleýin usulda saýlar. DV-2025 maksatnamasyna gatnaşýanlaryň ählisi onlaýn hasaba durmagyň dowamynda berlen gaýtalanmaýan tassyklama belgisi bilen, özleriniň ýüz tutmasynyň DV maksatnamasyna goşulandygyny bilmek üçin gatnaşyjynyň statusyny barlamaly. Gatnaşyjynyň statusyny barlamak mümkinçiligi E-DV web sahypasynda dvprogram.state.gov salgysynda 2024-nji ýylyň 6-njy maýyndan elýeter bolar. Mümkinçilik iň azyndan 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabryna çenli işlär.

Siziň ýüz tutmaňyz saýlanan ýagdaýynda, siz indiki görkezmeleri, şol sanda Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna immigrasiýa etmek üçin ýygnalýan ýygymlar barada maglumat berýän tassyklama sahypasyna geçirilersiňiz. Döwlet departamenti saýlananlara DV-2025 maksatnamasyna saýlanandygyny DIŇE gatnaşyjynyň statusyny barlamaklyk arkaly habar berer. Döwlet departmenti poçta ýa-da email arkaly habarlary iberýän däldir. ABŞ-nyň Ilçihanalary we Konsullyklary saýlanan adamlaryň sanawyny berýän däldir. Saýlanmadyk adamlara hem, DIŇE gatnaşyjynyň statusyny barlamak arkaly habar berler. Gatnaşyjynyň statusyny barlamaklygy özüňiziň amala aşyrmagyňyzy nygtap maslahat berýäris. Başga biriniň barlap, size habar bermegine bil baglamaň.

Immigrasiýa etmek üçin DV maksatnamasyna saýlanyp alnanlara Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna barylmagyna rugsat berlen bolmalydyr. DS-260 görnüşi, immigrasion wizasyny almak üçin onlaýn ýüz tutma we daşary ýurtlyny elektron görnüşde hasaba almaklyk, şeýle konsullygyň işgäri şahsy ýagdaýda

ABŞ-nyň kanunçylygyna laýyklykda siziň immigrasiýa etmek hukugyňyz barada sorag bererler. Bu soraglaýň içinde jenaýataçylyk we howpsuzlyk temalary bilen bagly soraglar bolar.

Ähli saýlanan dalaşgärler, şol sanda olaryň maşgala agzalary 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabryna çenli wizalaryny almalydyr. Hiç bir şertlerde şu bellenen seneden soňra, Döwlet departamenti DV wizasyny berip bilmeýär, USCIS bolsa bu seneden soňra üýtgeşmeleri tassyklap bilmeýär, şeýle hem, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna baran esasy ýüz tutujynyň maşgala agzalary onuň ýanyna barmak üçin DV wizasyny alyp bilmeýärler.

Saýlap alma prossesi barada has-da köp maglumat almak üçin “Ýygy-ýygydan soralýan soraglar” bölümine serediň.

**Sanly surat tabşyrma**

Siz täze sanly surata düşüp ýa-da ýakynda (soňky alty aýyň içinde) düşülen suratyňyzy, eger-de ol aşakda beýan edilen standartlara gabat gelýän bolsa, sanly skaneriň kömegi skanirläp bilersiňiz. DV maksatnamasyna ýüz tutmada ulanyljak suratlar, ABŞ wizasy üçin berilýän suratlara bilidirilýän hil we kompozisiýa talaplaryna gabat gelmelidir. Talabalaýyk suratlaryň nusgalaryny şu ýerde görüp bilersiňiz. Alty aýdan oň düşürilen ýa-da aşakda beýan edilen standartlara gabat gelmeýän suratlary tabşyrmaň. Geçen ýyl ýüz tutmada ulanan, üstünde işlenilen ýa-da aşakdaky talaplara gabat gelmeýän surat tabşyran ýagdaýyňyzda, siz DV maksatnamasynyň talaplaryna gabat gelmeýän hasaplanarsyňyz.

**Siziň suratlaryňyz ýa-da sanly fotosuratlaryňyz şu talaplara hökman gabat gelmelidir:**

- Surat reňkli bolmaly
- Ýüzüňiz merkezde bolmaly
- Talabalaýyk ölçegde, ýagny äňiň aşaky böleginden kelläniň depesine çenli aralygy 1 düýmden 1 3/8 düýma (22mm-den 35 mm) çenli ýa-da suratyň umumy beýikliginiň 50%-den 69%-ne çenli bolmaly. Suratyň ölçegine bildirilýän talaplar barada jikme-jik maglumat almak üçin Suratlaryň ülňilerine serediň.
- Siziň häzirki ýüz keşbiňizi görkezmek üçin soňky alty aýda düşürilen bolmaly
- Ak ýa-da aga ýakyn reňkdäki diwaryň öňünde durup düşürilen bolmaly
- Gabat öňden, ýüz kamera seredip duran ýagdaýda düşürilen bolmaly
- Biperwaý ýüz keşbi we gözleriň ikisi hem açyk bolmaly
- Günlük adaty geýýän geýimiňizde düşürilen bolmaly
- Günlük geýýän dini geýimnlerden başga, uniforma geýilen bolmaly däl.

- Dini maksatlarda günlük geýilýän baş gaplaryndan başga, saçlaryňyzy ýa-da saçlaryňyzyň ösüş zolagyny ýapýan baş gaplaryny geýmeli däl. Ýüzüňiz tutuş görünmeli, baş gaby bolsa ýüzüňize kölege düşürmeli däl.
- Nauşnikleriň, simsiz gürleşme enjamlarynyň ýa-da şunuň ýaly başga enjamlaryň suratda bolmagyna rugsat berilmeýär.
- Äýnek dakynmaly däl
- Eger-de siz eşidiş enjamyny ýa-da şonuň ýaly başga enjamlary ulanýan bolsaňyz, bu enjamlaryň suratda bolmagyna rugsat berilýär.

Talabalaýyk we talabalaýyk däl suratlaryň mysallaryny görmek üçin Talabalýyk suratlaryň nusgalaryna serediň. Sürüji şahadatnamasyndan ýa-da başga resminamalardan göçürilen ýa-da sanly görnüşde skanirlenen suratlar kabul edilmeýär. Mundan başgada, ekrandan we žurnallardan düşürilen, söwda awtomatynda düşürilen hili pes suratlar we tutuş boýuna düşürilen suratlar kabul edilmeýär.

Siziň ýüz tutmaňyzyň bir bölegi hökmünde surat tabşyrmagyňyz hökmanydyr. Siziň suratyňyz şu aşakda şertlere hökman gabat gelmeli:

- JPEG (.jpg) kysymly;
- Ululygy 240KB-a deň ýa-da ondan az bolmaly;
- Gyralary inedördül (beýikligi we giňligi deň) bolmaly;
- Ölçegi 600x600 piksel bolmaly.

Siz suraty skanirlejek bolýaňyzmy? Ýokardaky sanly suratlara bildirilýän talaplara goşmaça, siziň bar bolan suratyňyz şu aşakdaky talaplara hökman gabat gelmeli:

- 2x2 düýmlik (51x51 mm);
- Her bir düýme 300 piksel (her millimetre 12 piksel) ölçeginde skanirlenen bolmaly.

**Çaganyň ýa-da bäbegiň suratyny düşürmek**

Çaganyň ýa-da bäbegiň suratyny düşüreniňizde, çagadan başga hiç kim suratda bolmaly däldir hem-de çaga kamera seredip, iki gözi hem açyk bolmalydyr.

| | |
|---|---|
| **Masalahat 1** | Çagany ak ýa-da aga ýakyn reňkdäki matanyň üstüne arkan ýatyryň. Bu çagaňyzyň kellesine goldaw we arkasynyň ak bolmagyny üpjün eder. Çaganyň ýüzüne kölege düşmezligine üns beriň, esasan hem çagany ýatyryp, ýokardan surat düşürýän bolsaňyz. |

| | |
|---|---|
| **Masalahat 2** | Awtoulagyň oturgyjyny ak ýa-da aga ýakyn reňkli mata bilen örtüň we çagaňyzy awtoulagyň oturgyjybda oturan ýerinde surata düşüriň. Şu ýagdaýda, hem çagaňyzyň kellesine goldawyň bolmagy üpjün ediler. |

## ÝYGY-ÝYGYDAN SORALÝAN SORAGLAR (FAQs)

### *LAÝYKLYK*

1. **“Belli bir ýurtda doglan” ýa-da “ýurda degişli edilip bilmek” näme aňladýar?**

Belli bir ýurtda doglan adatça adamyň ýaşaýan ýurdundan tapawutly ýurtda doglan bolmagyny aňladýar. Şeýle hem, “belli bir ýurtda doglan” adalgasy Immigrasiýa we raýatlyk kanunynyň 202 (b) bölegine laýyklykda, belli bir ýurtda doglan adamyň başga tapawutly ýurtda gidip bilmegini aňladýar.

Her bir ýurtdan ýa-da sebitden gelýän immigrantlaryň sany çäklendirilensoň, her bir adam belli bir ýurda degişli edilýär. Siziň çäklendirmesine bil baglaýan ýurduňyz, şol ýurda degişli edilip bilinmegiňize degişlidir. Size hukuk berýän ýurt adatça siziň doglan ýurduňyz bilen deň gelýändir. Ýöne, siz talaplara gabat gelýän ýurt hökmünde ýanýoldaşyňyzyň doglan ýurduny saýlap bilersiňiz ýa-da ene-ataňyzyň haýsam bolsa biriniň doglan ýurduny, eger-de siz ene-ataňyzyň dogulmadyk ýurdunda doglan bolsaňyz hem-de siziň doglan wagtyňyz ene-ataňyz şol ýurtda hemişelik ýaşamaýan bolsa. Şu üç usul, başga ýurda degişli bolup bilmek üçin ýeke-täk usullardyr.

Laýyk gelmeýän ýa-da degişli edilip boljak ýalňyş ýurt (mysal üçin, kanuny subutnama berip bilmedik) saýlamagyňyz, siziň DV-2025 maksatnamasyna laýyk däl bolmagyňyza sebäp bolup biler.

2. **Men laýyk gelýän ýurtda dogulmadyk bolsam hem ýüz tutup bilerinmi?**

Siziň ýüz tutmaga hukugyňyz bolup biljek iki ýagdaý bar. Birinjisi, eger-de siziň ýanýoldaşyňyz laýyk ýurtda doglan bolsa, siz özüňizi şol ýurda degişli edip bilersiňiz. Siziň laýyklygyňyz ýanýoldaşyňyza bagly bolany üçin, ýanýoldaşyňyz laýyk bolup, immigrant wizasyny alan ýagdaýynda, siz hem immigrant wizasyny alyp bilersiňiz. Ikiňiz hem öz DV-leriňizi ulanyp, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna bilelikde barmalysyňyz. Edil şonuň ýaly hem, siziň kiçi ýaşly çagalaryňyz hem, ene-atasynyň doglan ýurduna degişli edilip bilner.

Ikinjisi, siz ene-ataňyzyň haýsam bolsa biriniň doglan ýurduna degişli edilip bilnersiňiz, eger-de, ene-ataňyzyň hiç haýsysy siziň doglan ýurduňyzda dogulmadyk ýa-da siziň doglan wagtyňyz şol ýurduň ýaşaýjysy bolmadyk

bolsa. Adatça, adamlar dogulmadyk ýurdunyň ýa-da kanuny esasda şol ýurda geçmedik bolsalar, olar şol ýurduň ýaşaýjysy hasaplanmaýar. Mysal üçin, ýurda wagtlaýyn gelýän, şol ýerde okaýan ýa-da işleýän adamlar şol ýurduň ýaşaýjysy hasaplanmaýar.

Eger-de siz ýokarda beýan edilen usullaryň biri bilen başga ýurda degişli bolmak isleýän bolsaňyz, onda soz E-DV hasaba alyş görnüşinde 6-njy soragda düşündiriş bermelisiziňiz.

Laýyk bolan ýa-da degişli edilip boljak ýalňyş ýurduň görkezilmegi (ýagny siziň degişliligiňiziň tassyklap bilmäniňizde) bu siziň DV maksatnamasyna laýyk däl bolmagyňyza sebäp bolar.

3. **Näme üçin belli bir ýurtlar DV maksatnamasyna gatnaşyp bilmeýär?**

DV maksatnamasy immigrant sany ýokary bolmadyk ýurtlardan bolan adamlara immigrasiýa mümkinçiligini bermäge niýetlenendir. ABŞ-nyň kanunçylygy “immigrant sany ýokary bolan ýurt” hökmünde, soňky bäş ýylyň dowamynda Maşgala hemaýatkärligi we Iş maksatly wizalar esasynda 50 000 şahsyýetiň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna immigrasiýa eden ýurtlaryny kesgitleýär. Her ýyl ABŞ-nyň Raýat we Immigrasiýa gullugy (USCIS) “immigrant sany ýokary” bolan ýurtlary kesgitlemek üçin maşgala we iş maksatly immigrasiýa üçin ýüz tutanlaryň we soňky bäş ýyla görä hasaplamalary geçirýär we şol ýurtlarda doglan adamlar “Diversity Visa” maksatnamasyna gatnaşmaga hukugy bolmaz. USCIS bu hasaplamalary her ýyl geçirensoň, şol ýurtlaryň sanawy ýylsaýyn üýtgäp bilýär.

4. **Her bir sebitiň we laýyk ýurduň doglan adamlaryna näçe sany DV-2025 wizasy berler?**

ABŞ-nyň Raýat we Immigrasiýa gullugy (USCIS) Immigrasiýa we Raýatlyk Kanununyň 203(c) bölüminde görkezilen formula laýyklykda her sebitleýin DV çäklendirmelerini kesgitleýär. Döwlet departamentiniň her ýurduň ýaşaýjylary üçin çykarjak wizalaryň sany, kesgitlenen sebitleýin çäklendirmelere, her ýurtdan gelýän ýüz tutmalaryň sanyna we saýlanan gatnaşyjylardan näçesiniň laýykdygyna bagly bolar. Elýeter wizalaryň umumy sanynyndan ýedi göterimden köp bolmadyk mukdary islendik ýurtlarda doglan adamlar üçin ulanylyp bilner.

5. **Bilime we iş tejribesine bildirilýän talaplar haýsylar?**

ABŞ-nyň immigrasion kanunlary we düzgünleri DV maksatnamasyna gatnaşýan her bir adamyň azayndan orta biliminiň ýa-da şoňa deňeçer biliminiň bolmagyny ýa-da iki ýyl okuwy ýa-da tejribäni talap edýän hünär boýunça soňky bäş ýylyň içinde iki ýyllyk iş tejribesiniň bolmagyny talap

edýär. “Orta bilim ýa-da şoňa deňeçer bilim” hökmünde Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda 12 ýyllyk başlangyç we orta bilimiň üstünlikli tamamlanmagy ýa-da başga ýurtda Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndaky orta bilime deňeçer orta bilimiň üstünlikli tamamlanmagy hökmünde kesgitlenýär. Diňe resmi okuw maksatnamalary bu talaba gabat gelýändir. Korrespondent maksatnamalary ýa-da deňlik sertifikatlary (mysal üçin, umumy deňlik diplomy (G.E.D.)) kabul edilmeýär. Siz wiza söhebtdeşliginde konsullyk işgärine bilimiňizi ýa-da iş tejribäňizi tassyklaýan resminamalary görkezmelisiňiz.

Bilim ýa-da iş tejribesi talaplaryna gabat gelmedik ýagdaýyňyzda, siz DV maksatnamasyndan ret edilersiňiz, şol sanda siziň ýanýoldaşyňyz we çagalaryňyz hem kabul edilmez.

6. **Haýsy hünärler DV maksatnamasyna gabat gelýär?**

Döwlet departamenti iş tejribesiniň kwalifikasiýasyny kesgitlemek üçin ABŞ-nyň Zähmet ministrliginiň (DOL) “O*Net Online” maglumat goruny ulanar. “O*Net Online” maglumat gory iş tejribesini bäş iş ugruna bölýär. DOL-yň web sahypasynda köp sanly hünärleriň görkezilendigine garamazdan, hünärleriň hemmesine DV maksatnamasyna gatnaşmagyna hukuk berilmeýär. Öz iş tejribäňiz esasynda DV maksatnamasy üçin klassifisirlenen anyk Ýörite Hünär Taýýarlygy çäklerinde (SVP) 7.0 we ondan ýokary baha laýyklykda, soňky bäş ýylyň içinde iki ýyl iş tejribäňiz bolmalydyr.

Bilim ýa-da iş tejribesi talaplaryna gabat gelmedik ýagdaýyňyzda, siz DV maksatnamasyndan ret edilersiňiz, şol sanda siziň ýanýoldaşyňyz we çagalaryňyz hem kabul edilmez.

7. **Zähmet ministrliginiň “O*Net Online” maglumat gorunda (bazasynda) men laýyk gelýän hünärlerini nädip tapyp bilerin?**

Haçanda siz “O*Net Online” maglumat goruna gireniňizde, öz hünäriňiziň gabat gelýändigini anyklamak üçin şu aşakdaky ädimleri ýerine ýetiriň:

1. “Find occupations” bölüminde, aşak açylýan menüden “Job Family” saýlaň;
2. “Job Family” görä geçip öz saýlawyňyzy belläň we “GO” düwmesine basyň;
3. Öz ýörite hünäriňiz boýunça salga basyň;
4. “Job zone” belgisini tapmak üçin “Job Zone” sahypasyna geçiň we “Ýörite Hünär Taýýarlygy” (SVP) bahalandyrmasyny tapyň.

Mysal hökmünde, “Aerokosmos Inženerligini” saýlaň. Aerokosmos inženerligi üçin jemleýji hasabatyň aşagynda, “Job Zone” bölüminde degişli “Job Zone 4” tapyň, SVP bahasy 7.0 < 8.0. Şu mysala laýyklykda, Aerokosmos inženerligi gabat gelýän hünär.

Goşmaça maglumat üçin, [Diversity Visa – List of Occupations ]web sahypasyny görüň.

8. **E-DV maksatnamasyna ýüz tutmak üçin iň az ýaş çäklendirmesi barmy?**

Hiç bir ýaş çäklendirmesi ýokdur, ýöne her bir esasy ýüz tutuja bildirilýän orta bilim we iş tejribesi talaplary, 18 ýaşdan kiçi bolan şahsyýetleriň köpüsiniň geçmegine awtomatiki usulda ýol bermez.

## DV MAKSATNAMASYNA ELEKTRON ÝÜZ TUTMASYNY TAMAMLAMAK

9. **Men öz ýüz tutmamy haçan tabşyryp bilerin?**

DV-2025 maksatnamasyna ýüz tutma döwri 2023-nji ýylyň 4-nji oktýabrynda çarşenbe güni Gündogar gündiz wagty bilen (GMT-4) günortan sagat 12:00-da başlap, 2022-nji ýylyň 7-nji noýabrynda sişenbe güni Gündogar standart wagty bilen (GMT-5) günortan sagat 12:00-a çenli dowam eder. Her ýyl millionlarça adam ýüz tutmalaryny iberýär. Ýüz tutma döwrüniň bu senelere goýulmagy, habarlaryň öz wagtynda alynmagyny üpjün edýär, şeýle hem gatnaşyjylara hem-de konsullyk we ilçihana işgärlerine taýýarlyk geçirmäge we wiza bermek üçin işleri tamamlamaga wagt berýär.

Biz ýüz tutma döwrüniň irki günlerinde ýüz tutmagyňyzy nygtap maslahat berýäris. Hasaba alyş döwrüniň soňunda aşa kän ýüz tutmalar sebäpli, ulgam haýal işläp biler. 2023-nji ýylyň 7-nji noýabrynda sişenbe güni Gündogar standart wagty bilen günortandan soňra berlen ýüz tutmalary kabul edilmeýär.

10. **Men Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda. Men DV maksatnamasyna gatnaşyp bilýärinmi?**

Hawa, ýüz tutýan Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda ýa-da başga bir ýurtda bolan wagty ýüz tutmany iberip biler. Ýüz tutujy ýüz tutmasyny islendik ýerden iberip biler.

11. **Ýüz tutma döwründe men diňe bir sapar ýüz tutma iberip bilýänmi?**

Hawa, kanuna laýyklykda her bir adam her bir ýüz tutma döwründe diňe bir ýüz tutmany iberip bilýär. Döwlet departamenti bir adamdan köp sanly ýüz tutmalary ýüze çykarmak üçin çylşyrymly ulgamy ulanýar. **Bir ýüz tutmadan köp ýüz tutma iberen dalaşgärler DV maksatanamasyndan ret ediler.**

12. **Men we meniň ýanýoldaşym her birimiz aýry ýüz tutma iberip bilerismi?**

Hawa, eger-de her biriňiz laýyklyk talaplaryna gabat gelýän bolsaňyz, aýry ýüz tutma tabşyryp bilersiňiz, beýlekiňiz esasy dalaşgäre degişli dalaşgär hökmünde kabul ediler.

13. **Men DV maksatnamasyna ýüz tutmamda haýsy maşgala agzalarymy görkezmeli?**

**Ýanýoldaşyňyz:** eger-de siz kanuny nika baglaşan bolsaňyz, onda onuň siz bilen bile ýaşaýandygyna ýa-da ýaşamaýandygyna hem-de Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna immigrasiýa etmek isleýändigine ýa-da islemeýändigine garamazdan ony öz ýüz tutmaňyzda görkezmelisiňiz. Kanuny aýrylaşdyrylan ýagdaýyňyzdan daşary, aýry ýaşaýandygyňyza garamazdan ony ýüz tutmada görkezmelisiňiz. Kanuny aýrylaşdyrylmak bu kazyýet çözgüdi esasynda nika bozulmazdan aýry ýaşamaklygy aňladýar. Kanuny aýrylaşdyrylan ýanýoldaşyňyz, "Diversity Visa" maksatnamasynyň çäginde siziň bilen immigrasiýa edip bilmeýär. Eger-de siziň aýry ýaşamagyňyz kanuny aýrylaşdyrylmak esasynda bolmasa, onda siziň wiza almaklyga ýüz tutmazdan ozal aýrylyşmaklygy meýilleşdirýändigiňize ýa-da onuň siz bilen immigrasiýa etmek islemeýändigine garamazdan, siz öz ýanýoldaşyňyzy ýüz tutmaňyzda görkezmelisiňiz. Ýanýoldaşyňyzy görkezmezlik ýa-da ýanýoldaşyňyz däl birini görkezmeklik, siziň DV maksatanamasyndan ret edilmegiňize sebäp bolar. Ýüz tutma wagtynda nika baglaşmadyk bolsaňyz, ýöne geljekde nika baglaşmagy meýilleşdirýän bolsaňyz, ýüz tutmaňyzda ýanýoldaşyňyzy görkezmäň, sebäbi bu siziň DV maksatanamasyndan ret edilmegiňize sebäp bolar. Eger-de siz aýrylaşan bolsaňyz ýa-da ýanýoldaşyňyz aradan çykan bolsa, öňki ýanýoldaşyňyzy görkezmek gerek däl.

Bu talapdan daşary ýeke-täk ýagdaý, ýanýoldaşyňyzyň ABŞ-nyň raýaty ýa-da kanuny hemişelik ýaşaýjysy bolan ýagdaýdyr. Ýanýoldaşyňyz ABŞ-nyň raýaty ýa-da kanuny hemişelik ýaşaýjysy bolan ýagdaýynda, ony ýüz tutmaňyzda görkezmäň. ABŞ-nyň raýaty ýa-da kanuny hemişelik ýaşaýjysy bolan ýanýoldaşyňyza DV wizasyny resmileşdirmek zerur däldir. Şonuň üçin, siz "Öýlenen/durmuşa çykan, ýanýoldaşym ABŞ-nyň raýaty ýa-da KHÝ" saýlan bolsaňyz, ýanýoldaşyňyz barada goşmaça maglumat girizip bilmersiňiz.

**Çagalar:** ýüz tutmany tabşyrýan pursatyňyzda ýaşaýan çagalaryňyzyň 21 ýaşdan kiçi we nikalaşmadyklaryny, olaryň öz çagaňyzdygyna, öweý çagaňyzdygyna (onuň hakyky ene-atasyndan aýrylyşan bolsaňyz hem), ýanýoldaşyňyzyň çagasydygyna ýa-da kanuna laýyklykda resmi çagalyga alan çagaňyzdygyna garamazdan, olary öz ýüz tutmaňyzda görkezmegiňiz hökmanydyr. Elektron ýüz tutmany tabşyrýan pursatyňyzda 21 ýaşdan kiçi bolan çagalaryňyzyň aýry ýaşaýandygyna ýa-da oalryň DV maksatnamasy boýunça immigrasiýa etmek islemeýändigine garamazdan, olaryň ählisini görkeziň. ABŞ-nyň raýaty ýa-da kanuny hemişelik ýaşaýjysy bolan

çagalaryňyzy görkezmek talap edilmeýär, olary görkezen ýagdaýyňyzda hem size jeza berilmeýär.

Ýüz tutujynyň ene-atasy ýa-da doganlary oňa bagly hökmünde DV wizasyny alyp bilmeýärler we siz olary öz ýüz tutmaňyzda görkezmeli dälsiňiz.

Öz ýüz tutmaňyzda maşgala agzalaryňyzy görkezmegiňiz, olaryň wiza üçin ýüz tutmagyny ýa-da siziň bilen immigrasiýa etmegini ýa-da gitmegini talap etmeýär. Muňa garamazdan, özüňize bagly birini görkezmedik ýa-da bagly bolmadyk birini görkezen ýagdaýyňyzda, siz DV maksatnamasyndan ret edilersiňiz we siziň ýanýoldaşyňyz we çagalaryňyz hem size bagly hökmünde ret ediler. Bu düzgün diňe ýüz tutma tabşyrylan pursatynda maşgala agzasy bolanlara degişli bolup, soňradan maşgala agzalygyna goşuljaklara degişli däldir. Siziň ýanýoldaşyňyz, siziň ýüz tutmaňyzda görkezilendigine garamazdan, aýry ýüz tutma tabşyryp biler we ýüz tutmalaryňyzyň ikisinde hem size bagly ähli maşgala agzalaryňyz barada maglumatlar doly görkezilmelidir.

14. **Men ýüz tutmamy hökman özüm tabşyrmalymy ýa-da meniň ýerime başga biri tabşyryp bilermi?**

Biz ýüz tutmaňyzy özbaşdak taýýarlamagyňyzy we tabşyrmagyňyzy maslahat berýäris, ýöne siz başga birinden öz ýüz tutmaňyzy tabşyrmagyny haýyş edip bilersiňiz. Ýüz tutmany özüňiziň ýa-da siziň adyňyzdan aklawjyňyzyň, dostuňyzyň, garyndaşyňyzyň ýa-da başga biriniň tabşyrýandygyna garamazdan, siziň adyňyzdan diňe bir ýüz tutma tabşyrylyp bilner. Ýüz tutujy hökmünde ýüz tutmada berlen maglumatlaryň dogrudygyna we doludygyna siz jogap berýärsiňiz, dogry ýa-da doly däl ýüz tutmalar ret edilip bilner. Ýüz tutujylar dvprogram.state.gov sahypasyndan Ýüz tutujynyň statusyny barla funksiýasyndan peýdalanyp, ýüz tutmasynyň stausyny özbaşdak barlap bilmegi üçin tassyklaýjy belgisini özünde saklamalydyrlar. Ýüz tutujylar E-DV ýüz tutmasyny tabşyranynda ulanan email salgysyna elýeterliligi özünde saklamalydyr.

15. **Men başga kategoriýa boýunça immigrant wizasyny almak üçin hasaba durdum. Men DV maksatnamasyna ýüz tutup bilerinmi?**

Hawa.

16. **E-DV ýüz tutmasyny soňradan doludryp tabşyrmak üçin ony indirip we tekst programmalarynda saklap bilerinmi?**

Ýok, siz E-DV ýüz tutmasyny soňradan dolduryp tabşyrmak üçin ony tekst programmalarynda saklap bilmersiňiz. E-DV ýüz tutmasy web görnüşli ýüz tutmadyr. Siz maglumatlary onlaýn usulda doldurmaly we ibermeli.

17. **Men ýüz tutmany onlaýn saklap, ony soňradan tamamlap bilerinmi?**

Ýok. E-DV ýüz tutmasy bir gezekde doldurylmak we tabşyrylmak maksady bilen taýýarlandy. E-DV ýüz tutmasyny açanyňyzdan soňra, ony E-DV web sahypasy arkaly doldurmagyňyz we tabşyrmagyňyz üçin size 60 minut wagt berler. Eger-de siz 60 minutyň dowamynda elektron ýüz tutmasyny doldurmaga we tabşyrmaga ýetişmeseňiz, ulgam siziň girizen maglumatlaryňyzy pozar. Ulgam soňradan doly tabşyrylan ýüz tutmalaryň gaýtalanmagynyň öňüni almak üçin ähli bölekleýin tabşyrylan ýüz tutmalary ulgamdan pozýar. Haýsy maglumatlaryň zerur boljagyny bilmek üçin onlaýn ýüz tutmasyny doldurmaga başlamazdan ozal, DV görkezmelerini üns bilen okaň.

18. **Meniň skanerim ýok. Men suratlarymy skanirlemegi, saklamagy we ýüz tutmamda ulanmagym maksady bilen, email arkaly maňa ibermegi üçin başga birine berip bilerinmi?**

Hawa, suratlar görkezmelerde bildirilýän talapalara gabat gelýän we E-DV onlaýn ýüz tutmasy bilen birlikde tabşyrylan ýagdaýynda rugsat berilýär. Siz onlaýn ýüz tutmany tabşyrjak wagtyňyzda, suratlaryňyz skanirlenip, taýýar bolmalydyr. Suratlary onlaýn ýüz tutmasyndan aýry tabşyryp bolýan däldir. Ýüz tutma tutuşlaýyn (surat we ýüz tutmanyň özi) Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan ýa-da daşary ýurtlardan elektron görnüşde tabşyrylyp bilner.

19. **E-DV ulgamy meniň ýüz tutmamy ret etse, men ýüz tutmamy täzeden tabşyryp bilerinmi?**

Hawa, siziň taze ýüz tutmaňyzy 2023-nji ýylyň 7-nji noýabrynda, sişenbe güni Günorta standart wagty (GMT-5) bilen sagat 12:00-a (günortan) çenli tamamlap tabşyryp bilersiňiz. E-DV ulgamy siziň başdaky ýüz tutmaňyzy ret eden ýagdaýynda, tabşyran ikinji ýüz tutmaňyz üçin size jeza berilmez. Internetiň öňünden bilip bolmajak häsiýetli bolandygy üçin siz ret etme baradaky habary şol bada alman bilersiňiz. Doly tamamlanan ýüz tutma tabşyrylyp, tassyklaýjy habary alýançaňyz, ýüz tutmany birnäçe sapar tabşyrmaga synanyşyp bilersiňiz. Tassyklaýjy habar geleninden soňra, siziň ýüz tutmaňyzyň tamamlanandyr we mundan beýläk goşmaça ýüz tutma tabşyrmaly DÄLSIŇIZ.

20. **Men ýüz tutmany tabşyranymdan soňra, elektron tassyklaýjy habary näçe wagtdan alaryn?**

Tassyklaýjy habar, şol sanda siziň belläp almaly we saklamaly tassyklaýjy belgiňiz size şol bada gelmelidir. Ýöne, her nähili hem bolsa, internetde öňünden görüp bolmajak ýagdaýlar sebäpli gijä galmalar bolup biler.

Doldurylan ýüz tutma tabşyrylýança we size tassyklaýjy habar  gelýänçä, siz “Submit” (Tabşyr) düwmesine birnäçe sapar basmaga dowam edip bilersiňiz. Ýöne, her nähili hem bolsa, tassyklaýjy habar geleninden soňra, öz maglumatlaryňyzy täzeden tabşyrmaň.

21. **Men “Submit’ düwmesine basdym, ýöne hiç hili tassyklaýjy belgi almadym. Men başga bir ýüz tutma tabşyran ýagdaýymda meniň ýüz tutmam ret edilermi?**

Siziň tassyklaýjy belgini almazlygyňyz, siziň maglumatlaryňyzyň saklanylmandygyny aňladýar. Siz täze ýüz tutmany tabşyryp bilersiňiz. Siz goşa ýüz tutma tabşyryan hökmünde kabul edilmersiňiz. Tassyklaýjy belgini alanyňyzdan soňra, täze ýüz tutma ibermäň.

## SAÝLAMAK

22. **Men özümiň saýlanandygymy nädip bilip bilerin?**

Siz 2024-nji ýylyň 6-njy maýy 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabry aralygynda, dvprogram.state.gov salgysyndaky E-DV web sahypasynda elýeterli Ýüz tutujynyň statusyny barlamak funksiýasy arkaly tassyklaýjy belgiňizi ulanmalysyňyz. Ýüz tutujynyň statusyny barlamak – bu siziň saýalanan ýagdaýyňyzda size habar ibermek, indiki etmeli hereketleriňiz boýunça görkezme bermek hem-de immigrasion wizasyny almak üçin söhebtedeşligiň senesini we wagtyny habar bermek üçin Döwlet departamentiniň ulanjak ýeke-täk serişdesidir. Eleýeter bolan wizalaryň ählisiniň ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, Döwlet departamenti goşmaça dalaşgärlere habar bermek üçin 2024-nji ýylyň 6-njy maýyndan soňra Ýüz tutujynyň statusyny barlamak serişdesini ulanyp biler. Size berlen tassyklaýjy belgini ýüze çykyp biljek täzelikler üçin 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabryna çenli saklaň. “Diversity Visa” maksatnamasyna ýüz tutmak we ýüz tutujynyň statusyny barlamak üçin Döwlet departamenti tarapyndan ygtyýarlandyrylan ýeke-täk web sahypasy dvprogram.state.gov.

Döwlet departamenti saýlanandygyňyzy habar bermek üçin siziň bilen gönümel aragatnaşyk gurmaz (FAQ 25-nji soraga seret).

23. **Men özümiň saýlanylmandygymy nädip bilerin? Maňa habar iberilermi?**

Eger-de siz saýlanmadyk bolsaňyz, Döwlet departamenti size habar ibermez. Saýlanandygyňyzy barlamak üçin Ýüz tutujynyň statusyny barlamak funksiýasyny ulanmalysyňyz. DV-2025 maksatanamasyna tabşyran ýüz tutmaňyzyň statusyny 2024-nji ýylyň 6-njy maýy 2025-nji ýylyň 30-njy

sentýabry aralygynda barlap bilersiňiz. Tassykaýjy belgiňizi 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabryna çenli saklaň. (Mundan öňki DV maksatnamasy DV-2024 üçin status maglumatlary 2024-nji ýylyň 30-njy sentýabryna çenli onlaýn elýeterdir.)

24. **Men tassyklaýjy belgini ýitiren ýagdaýymda näme etmeli?**

Ýüz tutujynyň statusyny barlamak üçin sizde hökman tassyklaýjy belgi bolmalydyr. E-DV web sahypasynda hasaba duranyňyzda öz şahsyýetiňizi tassyklamak üçin anyk şahsy maglumatlaryňyzy girizeniňizde görkezen email salgyňyz arkaly ýitiren tassyklaýjy belgiňizi dikeltmek üçin Ýüz tutujynyň statusyny barlamak funksiýasynda mundan beýläk ýörite gural eleýeterlidir.

ABŞ-nyň Ilçihanalary we konsullyklary hem-de Kentukkidäki Konsullyk merkezi siziň üçin statusyňyzy barlamaga ýa-da size gönümel tassyklaýjy belgiňizi bermäge (Ýüz tutujynyň statusyny barlamak funksiýasynayň guralyndan daşary) mümkinçiligi ýokdur. Döwlet departamentiniň wiza işlerine dowam etmek üçin saýlananlaryň sanawyny bermäge mümkinçiligi ýokdur.

25. **Men Döwlet departamentinden habary email ýa-da poçta arkaly alarynmy?**

Döwlet departamenti size resmi habar berme hatyny ibermez. ABŞ-nyň Hökümeti hiç haçan şahsy adamlara olaryň saýlanandygy barada habary ibermedi we DV-2025 maksatanamasynda bu maksatlar üçin email ulanmaklyk meýilleşdirilmeýär. Eger-de siz saýlanan bolsaňyz, Ýüz tutujynyň statusyny barlamak funksiýasynda size berlen habardaky görkezmeleri ýerine ýetireniňizden soňra, immigrant wiza söhbetdeşligi elýeter bolanynda, siziň bilen email arkaly wiza söhebtdeşligi babatynda aragatnaşyk gurlar. Bu emaillerde söhbetdeşligiň senesi we wagty görkezilmez, size jikme-jik maglumat almak üçin Ýüz tutujynyň statusyny barlamak sahypasyna gitmegiňiz maslahat beriler. Döwlet departamenti DV maksatnamasyna ýüz tutujylara Ýüz tutujynyň statusyny barlamak sahypasynda öz statusyny barlamaklary üçin email arakly ýatlatmalary iberip biler. Ýöne, her nähili hem bolsa, şunuň ýaly emailler DV maksatnamasyna ýüz tutujylarynyň saýlanandygy ýa-da saýlanmandygy barada habar bermeýärler.

**Üns beriň:** Sizden aldaw ýoly bilen pul ýa-da şahsy maglumatlaryňyzy almaga synanyşyp email iberjek web sahypalary bolup biler. Sizden Döwlet departamentiniň travel.state.gov web sahypasynda ýa-da ABŞ-nyň ilçihanalarynyň we konsullyklarynyň web sahypalarynda tölegsiz elýeter bolan immigrasion işleriniň ähli soragnamalary we maglumatlary üçin töleg geçirmegiňiz soralyp bilner. Mundan başgada, guramalar ýa-da web sahypalar DV hyzmatlary bilen bagly töleg geçirtmek arkaly siziň puluňyzy ogurlamaga

synanyşyp biler. Şunuň ýaly döwlete degişli däl guramalara ýa-da web sahypalara pul iberen ýagdaýyňyzda, siz bu puly gaýdyp hiç haçan görmän bilersiňiz. Şeýle hem, bu web sahypalarynda öz şahsy maglumatlaryňyzy girizmäň, çünki bu maglumatlar ogurlyk/kezzapçylyk üçin ulanylyp bilner.

Aldawa salýan emailler özüni Kentukkidäki konsullyk merkeziniň ýa-da Döwlet departamentiniň işgäri hökmünde görkezýän adamlardan gelip biler. **Ýatda saklaň, ABŞ-nyň Hökümeti adamlaryň saýlanandygyny habar bermek üçin hiç haçan email ibermändi we DV-2025 maksatnamasynda şu maksatlar üçin email ulanylmagy meýilleşdirilmeýär. USCIS-e statusy üýtgetmek maksady bilen, ýüzlenme ugratmak üçin poçta arkaly tölegleriň alynýandygyna garamazdan, Döwlet departamenti hiç haçan sizden poçta ýa-da Western Union ýaly hyzmatlar arkaly pul ibermegiňizi soramaz.** Statusy üýtgetmek barada jikme-jik maglumat almak üçin web sahypasyna geçiň.

26. **DV-2025 maksatnamasy üçin näçe adam saýlanyp alnar?**

DV-2025 maksatnamasy üçin 55 000 “Diversity Visa” elýeterlidir. Döwlet departamenti wiza almaga hukugy bolmadyklary we öz ýüz tutmasyny soňuna çenli tamamlamajak adamlary göz öňünde tutup, 55 000-den köp ýüz tutmany saýlap alýar. Bu saýlanyp alnanlaryň ählisi üçin wiza sanynyň ýetmezlik etjekdigini aňladýar. Döwlet departament elýeter bolan ähli 55 000 DV wizalaryny ulanmak maksady bilen şeýle hereket edýär.

Siz E-DV web sahypasyndan özüňiziň saýlanandygyňyzy Ýüz tutujynyň statusyny anyklamak arkaly bilip bilersiňiz, soňra bolsa ýüz tutmaňyzyň statusyny öwrenip bilersiňiz. Habar berýän görkezmelere laýyklykda deslapky söhbetdeşlik üçin ähli resminamalary we beýleki maglumatlary beren saýlanyp alnan dalaşgärler üçin DV-2025 maksatnamasyna gatnaşmak babatynda söhbetdeşlikler 2024-nji ýylyň oktýabrynda başlanar. Ýüz tutmalary doly seljerişden geçen we wiza almaklyga söhbetdeşlik bellenen saýlanyp alnan dalaşgärler E-DV web sahypasynda Ýüz tutujynyň statusyny barlamak arkaly jikme-jik maglumat almak barada ABŞ-nyň daşary ýurtdaky konsullyk işgärleri bilen meýilleşdirilen söhbetdeşliklerden dört-alty hepde öňünden habar alarlar.

Her aý wizalaryň elýeterlilik şerti bilen, wizalar diňe şu aýda wiza berilmäge degişli bolan ýüz tutujylara berler. Göz öňünde tutulan 55 000 DV wizalaryň ählisi tamamlanan badyna maksatnama hem gutarar. Wizalaryň berilmegi 2025-nji ýylyň sentýabr aýyndan öň hem gutarmagy mümkindir. Wiza almaklyga ýüz tutmaga isleg bildirýän saýlanyp alnan dalaşgärler, özleriniň işine operatiw serediljekdigine taýýarlykly bolmalydyr. **Gatnaşyjy hökmünde tötänleýin saýlanmaklyk, wizanyň beriljekdigini ýa-da wiza**

**almaklyga arza bermäge mümkinçilik boljakdygyny ýa-da wiza almak üçin söhbetdeşlige ýazylmaga mümkinçiligiň boljakdygyny kepillendirmeýär. Saýlanyp alynmaklyk, DV wizasyny almak üçin arza bermäge hukuguňyzyň boljakdygyny aňladýar. Eger-de siziň belgiňiz ahyrky işleriň geçirilmegine laýyk görülse, onda sizde arza bermäge mümkinçilik bolup biler we belkide size DV wizasy beriler. Şunuň ýaly ýüz tutujylara iň köp 55 000 wiza berlip bilner.**

27. **Üstünlikli ýüz tutujylar nädip saýlanyp alynar?**

**Saýlap almak barada resmi habar bermeklik Ýüz tutujynyň statusyny barlamak dvprogram.state.gov web sahypasynda 2024-nji ýylyň 6-njy maýyndan 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabry aralygynda elýeter bolar. Döwlet departamenti saýlananlara habary adaty poçta ýa-da email; arkaly ibermez. DV wizasyny almak üçin saýlanandygyňyzy habar berýän Döwlet departamentinden bolmadyk islendik adaty poçta ýa-da email arkaly iberilen habar kanundan daşarydyr. Döwlet departamentinden geljek islendik elektron habar sizi ýüz tutmaňyz barada maglumat almak üçin Ýüz tutujynyň statusyny barlamaklyga gönükdirer. Döwlet departamenti siziň statusyňyzy üýtgetmegiňiziň daşynda, hiç haçan sizden poçta ýa-da Western Union ýaly hyzmatlar arkaly pul ibermegiňizi soramaz.** Statusy üýtgetmek barada goşmaça maglumat almak üçin web sahypasyna geçiň.

Her bir sebitden kabul edilen ýüz tutmalaryň ählisi aýry belgi bilen bellenilýär. Ýüz tutma alyş döwrüniň ahyrynda, kompýuter tötänleýin usulda her geografiki sebit üçin alnan ähli ýüz tutmalaryň içinden ýüz tutmalary saýlap alar. Her bir sebitde birinji saýlanyp alnan ýüz tutma hasaba alnan birinji iş bolar, ikinji saýlanyp alnan ýüz tutma hasana alnan ikinji iş bolar we şunuň ýaly dowam eder. Ýüz tutma döwründe her sebit boýunça tabşyrylan ýüz tutmanyň her birisiniň deň saýlanyp almak ähtimallygy bolar. Ýüz tutma saýlanyp alnanda ýüz tutuja E-DV dvprogram.state.gov web sahypasynda 2024-nji ýylyň 6-njy maýyndan elýeter boljak Ýüz tutujynyň statusyny barlamak funksiýasy arkaly saýlanyp alnandygy barada habar berler. Saýlanyp alnan hem-de onlaýn usulda Ýüz tutujynyň statusyny barlamak arkaly berilýän görkezmelere jogap berýän dalaşgärleriň wiza almak üçin söhbetdeşlige ABŞ-nyň ilçihanasyna ýa-da konsullygyna çagyrylýança ýa-da Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda bolup, statusynyň üýtgedilmegine arza berýän dalaşgärleriň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda USCIS-e arza berýänçäler olaryň işine Döwlet departamentiniň Kentukkidäki konsullyk merkezi sereder.

28. **Men eýýäm Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda. Saýlanan ýagdaýymda, men USCIS arkaly statusymy üýtgedip bilerinmi?**

Hawa, Immigrasiýa we raýatlyk kanunyň (INA) 245-nji bölümine laýyklykda, siziň statusyňyzy başga usul bilen üýtgetmäge hukugyňyzyň bolmak şerti bilen, siz statusyňyzyň hemişelik ýaşaýjysyna üýtgetmek üçin USCIS-e ýüz tutup bilersiňiz. Siz USCIS-iň siziň işiňiz boýunça, şol sanda daşary ýurtda bolan ýanýoldaşyňyz we 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabryna çenli 21 ýaşy dolmadyk çagalaryňyz babatynda islendik işleri tamamlap bilýändigine göz ýetirmelisiňiz, çünki şol senede siziň DV-2025 maksatnamasyna gatnaşmak hukugyňyz gutarýar. Döwlet departamenti DV-2025 maksatnamasynyň çäklerinde haýsam bolsa wiza belgisini ýa-da statusy üýtgetmekligi 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabrynyň Günorta sagat guşagynyň wagty bilen ýarygijeden soňra tassyklamaz.

29. **Saýlanyp alnan ýagdaýymda, meniň haçana çenli "Diversity Visa" üçin ýüz tutmaga hukugym bolar?**

Saýlanyp alnan ýagdaýyňyzda, siz diňe ABŞ-nyň Hökümetiniň 2025-nji maliýe ýylynyň dowamynda, ýagny 2024-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabry aralygynda wiza almaklyga arza bermäge hukugyňyz bolar. Ýüz tutujylaryň olaryň belgisi belli bolan badyna, mümkin bolan iň gysga wagtyň içinde wiza üçin ýüz tutmaklaryny masalahat berýäris.

**Saýlanyp alnan we talaplara gabat gelýän ýüz tutujylaryň uçdantutma ählisi maliýe ýylynyň ahyryna çenli wizasyny almalydyr ýa-da statusyny üýtgetmelidir.** Saýlanyp alnan, ýöne 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabryna (maliýe ýylynyň ahyryna) çenli wizasyny almadyk ýüz tutujylar üçin DV mümkinçilikleri indiki ýyla geçirilmeýär. Mundan başgada, DV-2025 maksatnamasyna ýazylan ýanýoldaş we çagalar hem DV kysymly wizany diňe 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabryna çenli resmileşdirip bilýärler. Ýüz tutmany daşary ýurtdan tabşyranlar söhbetdeşligiň çakylygyny Döwlet departamentinden E-DV web sahypasynda Ýüz tutujynyň statusyny barlamak funksiýasy arkaly dört-alty hepde öňünden habardar ediler.

30. **Saýlanyp alnan adam aradan çykan ýagdaýynda, onuň işine näme bolar?**

Eger-de, DV maksatnamasyna saýlanyp alnan Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna gelmezden ýa-da statusyny üýtgetmezden ozal, islendik tapgyrda aradan çykan bolsa, onuň işi awtomatiki usulda ýapylýar. Aradan çykana islendik bagly ýanýoldaş we/ýa-da çagalar DV wizasyna arza bermäge hukugy bolmaz. Olara berlen islendik wiza ýatyrylar.

## *TÖLEGLER*

31. **"Diversity Visa" maksatnamasyna ýüz tutmak tölegi näçe?**

**Elektron ýüz tutmasyny tabşyrmak üçin hiç hili töleg alynmaýar.** Ýöne, saýlanyp alnan we “Diversity Visa” almaklyga arza beren ýagdaýyňyzda, wiza arza beren we söhbetdeşlik wagtyňyzda zerur bolan wiza ýygymlary ABŞ-nyň Ilçihanasyndaky konsullyk kassasyna tölemelisiňiz. Eger-de siz saýlanyp alnan we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda bolsaňyz hem-de statusyňyzyň üýtgedilmegine arza berýän bolsaňyz, onda siz zerur bolan ýygymlaryň ählisini gönümel USCIS-e tölemelisiňiz. Saýlanyp alnan ýagdaýyňyzda, talap edilýän tölegleriň ählisi barada jikme-jik maglumaty, E-DV dvprogram.state.gov web sahypasynda berlen görkezmeler bilen birlikde alarsyňyz.

32. **Saýlanyp alnan ýagdaýymda, DV we immigrant wiza tölegleri nädip we nirde tölemeli?**

Tötänleýin saýlanyp alnan ýagdaýyňyzda, E-DV dvprogram.state.gov web sahypasynda Ýüz tutujynyň statusyny barlamak funksiýasy arkaly görkezmeleri alyp bilersiňiz. Tölegleriň ählisini ABŞ-nyň Ilçihanasyna ýa-da konsullygynda wiza arza bermek üçin geleniňizde özüňiz tölemelisiňiz. Konsullygyň kassiri size şol bada töleg edendigiňiz barada çek berer. Immigrant wizasy üçin ABŞ-nyň Ilçihanasyna ýa-da konsullygyna ýüz tutan bolsaňyz, DV wizasy üçin tölegleri poçta, Western Union ýa-da haýsam bolsa beýleki bir hyzmat arkaly başga birine ibermäň.

Siz saýlanyp alnan bolsaňyz hem-de Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň çäginde bolsaňyz we statusyňyzy üýtgetmek üçin USCIS-e ýüz tutmagy meýilleşdirýän bolsaňyz, bu babatdaky görkezmeler Ýüz tutujynyň statusyny barlamak web sahypasynda elýeterli bolup, statusyňyzy üýtgetmek boýunça tölegleriň nädip ABŞ bankyna poçta arkaly ibermelidigi baradaky görkezmeler aýratyn beýan edilendir.

33. **Eger-de men DV wizasyna ýüz tutup, ýöne ony almaga hukugym bolmasa, men tölän wiza ýygymlarymy yzyna gaýdyp alyp bilerinmi?**

Ýok. Wiza ýüz tutmalarynyň tölegleri yzyna gaýtaryp bilinmeýär. Wiza almak üçin siz görkezmelerde bildirilýän ähli talaplara gabat gelmelisiňiz. Konsullygyň işgäri siziň wiza almak talaplaryna gabat gelmeýändigiňizi ýa-da ABŞ-nyň kanunçylygyna laýyklykda başga bir sebäp boýunça DV wizasyny almaga hukugyňyzyň ýokdugyny anyklan ýagdaýynda, konsullygyň işgäri size wizany berip bilmez we siz tölän ähli ýygymlaryňyzy ýitirersiňiz.

## *GABAT GELMEZLIKLER*

34. **DV wizasyna ýüz tutujy hökmünde, men wizanyň berilmezliginiň esaslaryndan boşadylmak hukugym barmy? Meniň boşadylmak baradaky ýüzlenmäm ýörite seljerişden geçýärmi?**

Immigrasiýa we raýatlyk baradaky Kanunda (INA) immigrasion wizalaryň berilmezligi üçin görkezilen esaslaryň ählisi DV wizasyna ýüz tutujylaryň ählisine degişlidir. Wizanyň berilmezligi üçin esaslardan INA-da görkezilen sebäplerden başga hiç bir sebäp bu esaslardan boşadylmaga degişli däldir, hem-de boşadylmak üçin berlen arzalar ýörite seljerişden geçmeýär. Käbir ýagdaýlarda DV wizasyna ýüz tutujylaryň, ýakyn garyndaşlary ABŞ-nyň raýaty ýa-da Kanuny hemişelik ýaşaýjysy bolan ýagdaýda, ýüz tutujylaryna wizanyň berilmezligine esaslardan boşadylmak elýeter bolup biler, ýöne DV maksatnamasyndaky wagtlaýyn çäklendirmeler şunuň ýaly boşadylmalaryň elýeter bolmagyny kynlaşdyryp biler.

## *DV GALPÇYLYGY WE KEZZAPÇYLYGY BARADA DUÝDURYŞ*

35. **Men internetdäki galpçylyk ýa-da islenilmeýän emailler barada nädip habar berip bilerin?**

Federal söwda komissiýasynyň we 36 ýurduň Sarp edijileriň hukuklaryny goramak agentlikleriniň bilelikde döreden econsumer.gov web sahypasyny açmagyňyzy maslahat berýäris. Şeýle hem, siz galpçylyk barada Federal Derňew Býurosynyň (FDB) Internet jenaýatçylygyna arz-şikaýat merkezine habar berip bilersiňiz. Islenilmeýän emailler babatynda arz-şikaýat etmek üçin econsumer.gov web sahypasynda “Telemarkirleme we spam” guralyndan peýdalanyň ýa-da goşmaça maglumat we aragatnaşyk ýollaryny bilmek üçin Ýustisiýa ministrliginiň Islenilmeýän işewürlik emailler (“Spam”) baradaky web sahypasyna geçiň.

## *DV STATISTIKASY*

36. **DV-2024 maksatnamasynda näçe sany wiza beriler?**

Kanuna laýyklykda, laýyk hasaplanan ýüz tutujylar üçin her ýyl 55 000 wiza elýeterlidir.

## *DÜRLI MESELELER*

37. **Men DV maksatanamasy arkaly wiza alsam, ABŞ-nyň Hökümeti meniň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna uçar petegini tölärmi hem-de doly ornaşýançam maňa ýaşaýyş jaýyny we iş gözlemekde kömek**

**edermi we/ýa-da saglyk hyzmatlaryny ýa-da başga ýeňillikleri üpjün edermi?**

Ýok. DV maksatnamasy arkaly wiza alan ýagdaýyňyzda ABŞ-nyň Hökümeti beýan edilen hiç bir meselede size kömek etmez. Siz DV wizasy üçin saýlanyp alnan ýagdaýyňyzda, wiza almazdan ozal, siz Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda döwlet tarapyndan tölenilýän kömek puluna mätäç boljak däldigiňizi tassyklamalysyňyz. Eger-de siz saýlanyp alnan bolsaňyz we "Diversity Visa" almak üçin arza berýän bolsaňyz, onda siziň kömek puluna mätäç bolmagyňyzyň ähtimallygy nädip bahalandyrylýandygyny hem-de siziň kömek puluna mätäç boljak däldigiňizi subut etmek üçin nähili subutnamalaryň gerek boljakdygyny öwrenmek üçin Döwlet departamentiniň bu baradaky gollanmasy bilen tanyşmagyňyzy maslahat berýäris.

## DV-2024 MAKSATNAMASYNA LAÝYK BOLAN ÝURTLARYŇ/ÇÄKLERIŇ SEBIT BOÝUNÇA SANAWY

Aşakda berlen sanawda görkezilen geografiki sebitine görä bölnen ýurtlarda we çäklerde doglan adamlar DV-2025 maksatnamasyna gatnaşmaga hukugy bardyr. Golastynda bolan çäkler olary dolandyrýan ýurduň sebitine laýyklykda sanawa goşulandyr. USCIS DV-2025 maksatnamasyna gatnaşmaga hukugy bolan ýurtlarda doglan adamlar INA-nyň 203(c) bölüminde bellenilen formula laýyklykda kesgitlenilýär. DV maksatnamasyna gatnaşmaga hukugy bolmadyk ýurtlaryň (sebäbi olar maşgala we iş maksatly migrasiýanyň çeşmesi bolandygy ýa-da şol ýurtlardan köp sanly migrant gelýändigi üçin) sanawy degişli sebitleýin sanawlardan soňra berlendir.

### AFRIKA

Alžir
Angola
Benin
Botswana
Burkina-Faso
Burundi
Kamerun
Kabo-Werde
Merkezi Afrika Respublikasy
Çad
Komoro adalary
Kongo
Kongo Demokratik Respublikasy
Kot'd Iwuar

Jibuti
Müsür*
Ekwatorial Gwineýa
Eritreýa
Eswatini
Efiopiýa
Gabon
Gambiýa
Gana
Gwineýa
Gwineýa-Bissau
Keniýa
Lesoto
Liberiýa
Liwiýa
Madagaskar
Malawi
Mali
Mawritaniýa
Mawrikiýa
Marokko
Mozambik
Namibiýa
Niger
Ruanda
San-tome we Prinsipi
Senegal
Seýşel adalary
Sýerra-Leone
Somali
Günorta Afrika Respublikasy
Günorta Sudan
Sudan
Tanzaniýa
Togo
Tunis
Uganda
Zambiýa
Zimbabwe

Afrika sebitinde Nigeriýada doglan adamlar şu ýylyň "Diversity Visa" maksatnamasyna gatnaşmaga hukugy **ýokdur**.

**AZIÝA**

Owganystan
Banreýn
Butan
Bruneý
Birma
Kambodža
Indoneziýa
Eýran
Yrak
Ysraýyl*
Ýaponiýa***
Iordaniýa*
Kuweýt
Laos
Liwan
Malaýziýa
Maldiw adalary
Mongoliýa
Nepal
Demirgazyk Koreýa
Oman
Katar
Saud Arabystany
Singapur
Şri-Lanka
Siriýa*
Taýwan**
Taýland
Timor-Leste
Birleşen Arap Emirlikleri
Ýemen

*Ysraýylyň, Iordaniýanyň, Siriýanyň we Müsüriň golastyndaky çäklerde 1967-nji ýyla çenli doglan adamlar degişliligi boýunça Ysraýyla, Iordaniýa, Siriýa we Müsüre degişli ediler. Gaza Sektorynda doglan adamlar Müsüre degişli ediler, Günbatar kenarda doglan adamlar Iordaniýa degişli ediler, Golan belentliklerinde doglan adamlar Siriýa degişli ediler.

**Makau (Ýewropa sebiti, Portugaliýa degişli) we Taýwan talaplara gabat gelýär we sanawda görkezilen. Diňe “Diversity Visa” maksatnamasynyň maksatlary üçin Makauda doglan adamlaryň Portugaliýanyň adyndan gatnaşmaga hukuklary bardyr.

***Habomai, Şikotan, Kunaşir we Iturup adalarynda doglan adamlar Ýaponiýa degişlidir. Günorta Sahalinde doglan adamlar Russiýa degişlidir.

Şu aşakda sanawda ady geçýän ýurtlarda doglan adamlar şu ýyl DV maksatnamasyna gatnaşmaga hukugy ýokdur: Bangladeş, Hytaý (şol sanda Gonkong), Hindistan, Pakistan, Günorta Koreýa, Filippin adalary we Wýetnam.

**ÝEWROPA**

Albaniýa
Andorra
Ermenistan
Awstriýa
Azerbaýjan
Belarus Respublikasy
Belgiýa
Bosniýa we Gersogowina
Bolgariýa
Horwatiýa
Kipr
Çehiýa Repsublikasy
Daniýa (şol sanda bölekleri we golasty çäkleri)
Estoniýa
Finlýandiýa
Fransiýa (şol sanda bölekleri we golasty çäkleri)
Gruziýa
Germaniýa
Gresiýa
Wengriýa
Islandiýa
Irlandiýa
Italiýa
Gazagystan
Kosowo
Gyrgyzystan
Latwiýa

Lihtenşteýn
Litwa
Lýuksemburg
Makau Ýörite administratiw sebit
Demirgazyk Makedoniýa
Malta
Moldowa
Monako
Çernogoriýa
Niderlandlar (şol sanda bölekleri we golasty çäkleri)
Demirgazyk Irlandiýa***
Norwegiýa (şol sanda bölekleri we golasty çäkleri)
Polşa
Portugaliýa (şol sanda bölekleri we golasty çäkleri)
Rumyniýa
Russiýa***
San Marino
Serbiýa
Slowakiýa
Sloweniýa
Ispaniýa
Şwesiýa
Şweýsariýa
Täjigistan
Türkiýe
Türkmenistan
Ukraina
Özbegistan
Watikan şäheri

**Makaunyň gatnaşmaga hukugy bar we diňe "Diversity Visa" maksatnamasynyň maksatlary üçin sanawa goşulandyr. Makauda doglanlar Portugaliýanyň hasabyna hukuklary bardyr.
*** Diňe "Diversity Visa" maksatnamasynyň maksatlary üçin Demirgazyk Irlandiýa sanawda aýry görkezilendir. Demirgazyk Irlandiýanyň **gatnaşmaga hukugy bardyr** we degişli sanawa goşulandyr.
**** Habomai, Şikotan, Kunaşir we Iturup adalarynda doglan adamlar Ýaponiýa degişlidir. Günorta Sahalinde doglan adamlar Russiýa degişlidir.

Şu aşakda sanawda ady geçýän Ýewropa ýurtlarynda doglan adamlar şu ýyl DV maksatnamasyna gatnaşmaga hukugy ýokdur: Beýik Britaniýa, şol sanda şu golasty çäkler: Angilýa, Bermuda adalary, Britan-Wirgin adalary, Hindi

okeanyndaky Britan çäkler, Kaýman adalary, Folklend adalary, Gibraltar, Montserat, Pitkern, Günorta Georgiýa we Günorta Sendwiç adalary, Keramatly Ýelena adasy hem-de Terks we Kaýkos adalary.

**ÝEWROPA**

Bagama adalary

Demirgazyk Amerika sebitinde Kanadada we Meksikada doglan adamlar şu ýyl DV maksatnamasyna gatnaşmaga hukugy ýokdur.

**OKEANIÝA**

Awstraliýa (şol sanda bölekleri we golasty çäkleri)
Fiji
Kiribati
Marşall adalary
Mikroneziýanyň Federatiw Ştatlary
Nauru
Täze Zelandiýa (şol sanda bölekleri we golasty çäkleri)
Palau
Papua Täze Gwineýa
Samoa
Solomon adalary
Tonga
Tuwalu
Wanuatu

**GÜNORTA AMERIKA, MERKEZI AMERIKA WE KARIBLER**

Antigua we Barbuda
Argentina
Barbados
Beliz
Boliwiýa
Çili
Kosta-Rika
Kuba
Dominika
Ekwador
Grenada
Gwatemala

Gaýana
Nikaragua
Panama
Paragwaý
Peru
Sent Kitts we Newis
Sent Lusiýa
Sent Winsent we Grenadinler
Surinam
Trindad we Tobago
Urugwaý

Aşakda sanawda ady geçýän şu sebitiň ýurtlarynda doglan adamlar şu ýyl DV maksatnamasyna gatnaşmaga hukugy ýokdur: Braziliýa, Kolumbiýa, Dominikan Respublikasy, Salwador, Gaiti, Gonduras, Ýamaýka, Meksika we Wenesuela.